# «Ýanwarda – gardan soñ durlanan asman…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Ýanwarda – gardan soñ durlanan asman…" «ÝANWARDA GARDAN SOÑ DURLANAN ASMAN…»

***Gurbannazar Ezizowa bagyşlanýar***

Ýanwarda – gardan soñ durlanan asman,
Dünýäñ ähli jedelinden beýikdir.
Meýdan – kän doguran hasylly meýdan –
Müñ periniñ edebinden beýikdir.

Çagajygyñ ýüregini açyşy,
Nýutonyñ açyşyndan beýikdir.
Ýagarman bulutlañ şaglap göçüşi,
Şahyrlaryñ göçüşinden beýikdir.

Bakyýetde bir ömürlik meýlisler,
It boýnunyñ almazyndan beýikdir.
Äri ýere sokýan agyr namyslar,
Ömrüñ tells humaryndan beýikdir.

Bu täze dünýäde oýna aldanyp,
Söýlen gyzyñ ýylgyrmagy beýikdir.
Bu köne dünýäde adam adamyñ –
Bir-biregi gaýgyrmagy beýikdir!

Baýram JÜTDIÝEW. Goşgular